MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | APREL AÝYNYŇ 26-sy, 2025. №16

# TÜRKMEN BEDEWINIŇ MILLI BAÝRAMY BELLENÝÄR



Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda halkymyzyň baý medeni mirasyny, gadymyýetden gözbaş alýan gymmatlyklaryny aýawly saklamakda, baýlaşdyrmakda, atşynaslyk sungatyny dünýä ýaýmakda belent derejelere ýetilýär. Halkymyzyň ýakyn syrdaşy, wepaly ýoldaşy, uçar ganaty, toý-baýramlarynyň bezegi bolan ýyndam bedewlerimiziň ýedi yklyma dolan şan-şöhraty hem barha artýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2010-njy ýylda döredilen hem-de ştab-kwartirasy Aşgabat şäherinde ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasy arassa ganly ahalteke bedewleriniň genofonduny gorap saklamakda, baş sanyny köpeltmekde uly ähmiýete eýedir.

Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli her ýylda geçirilmegi asylly ýörelgä öwrülen «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşigi, behişdi bedewlerimiziň tebigy gözelligini sungat eserlerinde çeper beýan etmek boýunça geçirilýän döredijilik bäsleşigi hem ganatly bedewleriň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakdaky tagallalaryň uludygynyň güwäsidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhasly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhraty jahana dolup, dünýä jemgyýetçiliginiň ýokary bahasyna mynasyp bolýar. Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi munuň buýsançly tassyknamasy boldy.

Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylmagy halkymyzyň milli baýlygy we buýsanjy bolan tohum atlaryň gadymy nusgalaryny aýap saklamak, atlaryň tohumçylyk-seçgi işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, ahalteke bedewleriniň dünýädäki meşhurlygyny has-da belende galdyrmak babatdaky ilhalar tutumlaryň has-da rowaçlanýandygynyň güwäsidir. Ýörite okuw merkezlerinde ussat seýisleri, çapyksuwarlary taýýarlamakda alnyp barylýan giň gerimli işler, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň halkara derejede gazanýan üstünlikleri örän buýsançlydyr.

Müňýyllyklara uzaýan şöhratly taryhy bolan, dünýäniň medeni genji-hazynasynyň gymmatlygy hasaplanýan ganatly bedewlerimiziň şan-şöhratyny belende göterýän döwletli tutumlar dowamat-dowam bolýar. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza aýdylýan alkyşly sözler elmydama dillerimiziň senasydyr.

## TÜRKMENISTANDA OBA HOJALYK BOÝUNÇA ÝÖRITELEŞDIRILEN "EKSPO" HALKARA SERGISINI GURAMAK MEÝILLEŞDIRILÝÄR



Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň halkara sergi işini ösdürmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» netijeli durmuşa geçirmek maksady bilen, bu babatda abraýly halkara guramalar we dünýäniň ösen döwletleri bilen bilelikde degişli işler alnyp barylýar. Bellenilişi ýaly, sergi işiniň ösdürilmegi ýurdumyzyň dünýäniň ykdysady, medeni, maglumatlar giňişligine goşulyşmagynyň möhüm ugry bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 25-nji awgustyndaky Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň halkara sergi işiniň 2024-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmek boýunça degişli çäreler görülýär. Konsepsiýanyň çäklerinde Halkara sergiler býurosy bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça 2023 – 2025-nji ýyllar üçin Milli meýilnama işlenip taýýarlanyldy we häzirki wagtda bu resminama bellenen tertipde amala aşyrylýar.

2023-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Parižde geçirilen Halkara sergiler býurosynyň Baş Assambleýasynyň 173-nji mejlisiniň dowamynda Türkmenistan ilkinji gezek 2024-2025-nji ýyllar üçin bu guramanyň Dolandyryş we býujet boýunça komitetiniň düzümine agzalyga saýlanyldy. ●3

## TÜRKIÝÄNIŇ SYÝAHATÇYLYK MÜMKINÇILIKLERI AŞGABATDA TANYŞDYRYLDY




Türkiýede we dünýä döwletlerinde Türkiýäniň wekilhanalary tarapyndan her ýylyň 15-22-nji apreli aralygynda «Türkiýäniň syýahatçylyk hepdeligi» ady bilen dürli çäreler guralýar. Şeýle çäreler ençeme ýyldan bäri Türkiýäniň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan hem gurnalyp gelýär.

17-nji aprelde Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherindäki Türk medeniýet merkezinde «Türkiýäniň syýahatçylyk hepdeligi» çäreleriniň çäklerinde Türkiýäniň syýahatçylyk pudagynyň surat sergisi geçirildi. Türkiýäniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmet Demirokyň gurnamagynda geçirilen çärä daşary ýurtlaryň ilçileri, ýurdumyzyň syýahatçylyk kompaniýalarynyň wekilleri, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdy.

«Ata Watan Media» toparynyň hem çagyrylan dabarasynda Türkmenistan döwletimize Türkmenistanyň medeniýet ministriniň orunbasary Nursähet Şirimow wekilçilik etdi.

Dabaranyň çäklerinde Türkiýäniň ilçisi Ahmet Demirok çykyş edip, Türkiýäniň syýahatçylyk pudagynda gazanýan üstünlikleri barada giňişleýin maglumat berdi. ●3

## Türkmenistan bilen Özbegistan himiýa ylmy boýunça hyzmatdaşlyk eder



Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň Umumy we organiki däl himiýa instituty bilen Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Himiýa institutynyň arasynda ylmy barlaglar boýunça özara düşünişmek hakyndaky ähtnama gol çekildi. Bu barada Özbegistanyň Ylymlar akademiýasy habar berýär. ●3

## Türkmen türgenleri Aşgabatdaky halkara ýaryşda 28 medal gazandy



Olimpiýa şäherçesiniň Başabaş söweş sungaty sport toplumynda Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň 13-sinden türgenleriň gatnaşmagynda geçirilen sportuň milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryş milli sportumyzyň nobatdaky üstünligi bilen tamamlandy. ●4

## Türkmenistan döwletimiz Kaliforniýa uniwersitetinde tanyşdyryldy



Kaliforniýa uniwersitetiniň Dawis Hukuk mekdebiniň çäginde hereket edýän «ALSA» jemgyýetiniň indi däbe öwrülip barýan Halkara medeniýet güni çäresine üstümizdäki ýyl hem Türkmenistanyň diwarlygy bilen gatnaşdyk. ●4



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERINIŇ MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINE DOSTLUKLY SAPARY

## GAZAGYSTAN SAPARY

Türkmen halkynyň Milli Lideri bu dostlukly saparyna Gazagystan Respublikasyndan başlap, Gazagystanda Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti bilen bilelikde Hazret Sultan milli muzeýgoraghanasyna we onuň düzümine girýän Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähine, "Etnoaul" milli medeni toplumyna, "Turkistan Visit Centre" syýahatçylyk-maglumat merkezine, "Karavansaray Turkistan" syýahatçylyk toplumyna baryp gördi.

Saparynyň ikinji gününde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşygy boldy. Biziň ýurtlarymyzyň ägirt uly kuwwaty bar, özara söwdanyň, maýa goýumlaryň möçberlerini artdyrmak, energetika, ulag, aragatnaşyk ulgamlarynda, senagatyň dürli pudaklarynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin mümkinçilikler bar. Energetika ulgamy hem hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi. "Galkynyş" gaz käniniň nobatdaky tapgyryny özleşdirmek we türkmen tebigy gazyny Gazagystana ibermek taslamasyny ilerletmek boýunça işi utgaşdyrmak maksady bilen döredilen bilelikdäki iş toparyna degişli tabşyryklary bermegiň zerurdygy bellenildi.

Ulag-kommunikasiýa pudagyndaky hyzmatdaşlyk boýunça Hazar deňzinde Türkmenbaşy, Aktau we Kuryk portlarynyň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek meselelerine garamak teklip edildi.

Şeýle hem saparyň maksatnamasynyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hem-de Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti "SPK TURKISTAN" senagat parkyna aýlanyp gördi.



## GYRGYZYSTAN SAPARY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystan saparyny tamamlandan soňra, Gyrgyz Respublikasynda saparda boldy. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hem-de Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti saparyň maksatnamasynyň çäklerinde Çingiz Aýtmatow adyndaky "Ruh-Ordo" medeniýet merkezine baryp gördi, Yssyk-kölüň ajaýyp kenarynda gezelenç etdiler. Gezelenjiň dowamynda iki ýurduň arasynda syýahatçylyk pudagynda-da gatnaşyklary ösdürmegiň ägirt uly mümkinçilikleriniň bardygy bellenildi. Dostlukly saparyň ikinji gününde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşygy boldy. Bu duşuşyk uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik, dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berer.

Gyrgyz topragynda türkmen-gyrgyz dostluk gatnaşyklaryny hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ägirt uly şahsy goşant goşan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza hormat-sarpanyň nyşany hökmünde gymmatly sowgatlar – milli gyrgyz ak öýi hem-de häzirki wagtda aýawly saklanylýan we kämilleşdirilýän senetçilik sungatynyň ösýändigine şaýatlyk edýän sowgatlyk önümler, şeýle-de Han atly bedew sowgat berildi.

türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Çolpon-Ata şäheriniň atçylyk toplumyna baryp gördi. Belent mertebeli myhmana milli gyrgyz at üstündäki oýunlar – Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlarynyň maksatnamasyna girizilen "žorgo", "gök-böri" we "salburun" oýunlary görkezildi.



## ÖZBEGISTAN SAPARY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gyrgyzystan saparyny tamamlandan soňra, Özbegistan Respublikasynda saparda boldy. Häzirki wagtda Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasyndaky köptaraply hyzmatdaşlyk ähli ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýär. Goňşy ýurtlary doganlyk we köpasyrlyk dostluk gatnaşyklary baglanyşdyrýar.

Energetika ulgamy döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Soňky ýyllarda bu ulgamda, aýratyn-da, gaz pudagynda bilelikde işlemegiň netijesinde hil taýdan täze derejä çykyldy. Ikitaraplaýyn gepleşikler tamamlanandan soňra, türkmen halkynyň

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynda, Gyrgyzystan Respublikasynda we Özbegistan Respublikasynda dostlukly saparda boldy. Bu saparlar Tükrkemnistan bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky döwletara gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrylýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.**

Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Özbegistan Respublikasynyň ýokary döwlet sylagyny – "Ýokary derejeli dostluk" ("Oliý Darajali Dustlik") ordenini gowşurmak dabarasy boldy.

Bu günki gün iki ýurduň parlamentleriniň, Hökümetleriniň, sebitleriniň, işewürliginiň, jemgyýetçiliginiň, intelligensiýasynyň we ýaşlarynyň derejesinde gatnaşyklaryň işjeň ösdürilýändigi, söwdaykdysady hyzmatdaşlygyň maksatnamalarynyň we taslamalarynyň durmuşa geçirilýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Haryt dolanyşygynyň görkezijileri munuň aýdyň mysalydyr. Soňky ýyllarda bu görkeziji birnäçe esse artdy we 1 milliard amerikan dollaryndan gowrak boldy. Bu gün ony 2 milliarda ýetirmek barada ylalaşyldy. Şunuň bilen birlikde, Gahryman Arkadagymyzyň geljekde bu görkezijini 5 milliarda çenli ýetirmegi teklip edendigi aýdyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri bildirilen hormat-sarpa – "Ýokary derejeli dostluk" ordeni bilen sylaglandygy üçin Prezident Şawkat Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirip, biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezliginiň aýdyň subutnamasy bolup durýan bu çäräniň taryhy ähmiýetini nygtady.

Gadymdan gelýän däplerden ugur alyp, her bir adam öz ömründe hökmany suratda asylly işleri amala aşyrmalydyr. Şoňa görä-de, köpri gurmak, ýol çekmek ýaly halk üçin bähbitli bir işi bitirmek sogap hasaplanýar. Gahryman Arkadagymyz çykyşynda özbek Lideriniň filosofiýasyny ýatlap, onuň dünýä bolan her bir adamyň bir haýyrly iş bitirmelidigi baradaky manysyna ünsi çekdi. Şawkat Miromonowiçiň bu filosofiýasy nusga alarlyk ýörelgedir. Onda dostluk, özara hormat goýmak ýaly düşünjeler öz beýanyny tapýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri we dostlukly döwletiň Baştutany Kongres merkeziniň Hormatly myhmanlar seýilgähinde iki ýurduň doganlyk halklarynyň mundan beýläk-de ýakynlaşmagynyň we dostlugynyň pugtalandyrylmagynyň nyşany hökmünde bag nahalyny oturdylar.

Gahryman Arkadagymyz we Özbegistanyň Lideri "EKSPO" sergiler merkeziniň binasyna baryp, bu ýerde "Wagtyň salgymlary" atly sergi bilen tanyşdylar.

Umuman, Gahryman Arkadagymyzyň goňşy ýurtlara dostlukly saparlary doganlyk halklaryň mundan beýläk-de ýakynlaşmagyna, taryhy gymmatlyklaryň we däp-dessurlaryň baýlaşmagyna, hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam eder.

# OGULJAHAN ATABAÝEWA "AL-ARABIÝA" TELEÝAÝLYMYNA INTERWÝU BERDI

«Watan» habarlar gepleşiginde habar berlişi ýaly, duşuşygyň barşynda «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň wekilleri gaznanyň alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyşmaga gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdylar. Olar Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri bilen öz tomaşaçylaryny has giňden tanyşdyrmak maksady bilen, gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewadan interwýu bermegini haýyş etdiler.

**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa gaznanyň işi bilen ýakyndan tanyşmak üçin Türkmenistana sapar bilen gelen «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alyp baryjysy Rizwan Hanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşdy.**




Duşuşykdan soň O.Atabaýewa myhmanlaryň haýyşyna kanagatlanma bilen dünýäniň meşhur «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alyp baryjysy Rizwan Hanyň sowallaryna jogap berdi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň «Al-Arabiýa» teleýaýlymyna beren interwýusy ýakyn günlerde tomaşaçylara ýetiriler.

Meşhur teleýaýlymyň esasy alyp baryjysy Rizwan Han Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň interwýusynyň bu gaznanyň alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyşmaga ýardam edendigini belledi.

# TÜRKMENISTANDA OBA HOJALYK BOÝUNÇA ÝÖRITELEŞDIRILEN "EKSPO" HALKARA SERGISINI GURAMAK MEÝILLEŞDIRILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 19-njy martynda Aşgabat şäherinde Halkara sergiler býurosynyň Baş sekretarynyň gatnaşmagynda degişli komitetiň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Ýokarda beýan edilenleriň esasynda döwlet Baştutanymyzyň garamagyna birnäçe teklipler, şol sanda geljek ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda Halkara sergiler býurosy bilen bilelikde oba hojalyk ugry boýunça ýöriteleşdirilen «EKSPO» halkara sergisini geçirmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek we bu babatda deslapky taýýarlyk işlerini geçirmek baradaky teklip hödürlenildi. Şeýle-de agzalan sergini Türkmenistanda geçirmek boýunça ýörite gaznany döretmek babatda çäreleri görmek we şunuň bilen baglylykda, iri halkara kompaniýalar bilen gepleşikleri geçirmek teklip edilýär.

Ýurdumyzyň halkara sergi işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge, Türkmenistanyň öňümizdäki Bütindünýä ýöriteleşdirilen sergilerine ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek üçin degişli işleri amala aşyrmaga gönükdirilen degişli resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak bilen bagly teklipler beýan edildi.

**ŞOLARYŇ HATARYNDA:**

2027-nji ýylyň 19-njy marty – 26-njy sentýabry aralygynda Ýaponiýanyň Ýokogama şäherinde geçiriljek ekologiýa we tebigaty goramak meselesine bagyşlanan «Green EKSPO – 2027» hem-de 2027-nji ýylyň 15-nji maýy – 15-nji awgusty aralygynda Serbiýa Respublikasynyň Belgrad şäherinde «Oýun adamzat üçin: sport we saz hemmeler üçin» diýen şygar astynda geçiriljek «EKSPO – 2027» Bütindünýä ýöriteleşdirilen sergileri bar.

Şeýle-de türkmen hünärmenleri üçin sergi-ýarmarka işi boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň we halkara guramalaryň wekilleri bilen okuw maslahatlaryny guramak, daşary ýurtlardaky okuw merkezlerinde olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen, 2025 – 2027-nji ýyllar üçin degişli Maksatnamany taýýarlamak teklip edilýär.

# TÜRKIÝÄNIŇ SYÝAHATÇYLYK MÜMKINÇILIKLERI AŞGABATDA TANYŞDYRYLDY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hususan-da, käbir görkezijilere ünsi çekdi. 2024-nji ýylda Türkiýe Respublikasy 62.3 million syýahatçy kabul edip, syýahatçylyk girdejisi 61.1 milliard dollara deň boldy. 2025-nji ýylda bu ugurda täze rekordlaryň gazanylmagyna garaşylýar: degişli döwürde 65 million syýahatça garaşylyp, girdejiniň 64 milliard dollara barabar bolmagy çaklanylýar.

**UÇAR GATNAWLARY ARTDYRYLAR**

Türkiýäniň ilçisi Ahmet Demirok soňky ýyllarda türkmen raýatlarynyň Türkiýe Respublikasyna syýahatçylyk etmegä uly gyzyklanma bildirýändigini belläp, 2024-nji ýylda 153 müňden gowrak Türkmenistanyň raýatynyň Türkiýede bolandygyny we bu görkezijiniň bir öňki bilen deňeşdirilende 27 göterim köpdügi bellenildi.

Syýahatçylyk ulgamynda özara uçar gatnawlarynyň hem ähmiýetiniň uludygyny bellän ilçi Demirok 2025-nji ýylyň 1-nji aprelinden «Türkhowaýollary» kompaniýasynyň Aşgabada uçar gatnawlarynyň ýygylygyny hepdede 11-den 14-ä çykarandygyny, 10-njy iýunda bu gatnawlaryň sanyny 17-ä ýetirjekdigini belledi. Häzirki wagtda «Türkmenistan» awiakompaniýasy hepdede Aşgabat-Stambul aralygynda 10 gatnaw amala aşyrýar.

Türkiýäniň syýahatçylyk mümkinçiliklerini tanyşdyrmak üçin dürli çäreleriň gurnalýandygyny belläp geçen Türkiýäniň ilçisi Demirok 2024-nji ýylda Türkmenistandan 7 žurnalistiň hem-de 9 syýahatçylyk agentliginiň Türkiýäniň syýahatçylyk ýerlerinde bolandygyny belledi.

2025-nji ýylyň maý aýynda ýene-de 22 adamyň, 11 žurnalistiň hem-de 11 syýahatçylyk agentlikleriň wekilleri Türkiýäniň Trabzon we Rize sebitlerine syýahat amala aşyrjakdygy bellenildi.

Türkmenistanyň medeniýet ministriniň orunbasary Nursähet Şirimow hem öz gezeginde Türkiýe Respublikasy bilen medeni-syýahatçylyk hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi. Ol iki ýurduň gurnaýan medeni we syýahatçylyk maksatly çäreleri Türkmenistanyň we Türkiýänuň wekiliýetleriniň işjeň gatnaşýandygyny aýdyp, şu ýylyň dowamynda Türkmenistanyň wekiliýetleriniň Türkiýede şeýle saparlarda boljakdygyny aýtdy.

# GÜNORTA KOREÝANYŇ KOMPANIÝASY TÜRKMENISTANDA DÖKÜN ZAWODYNY GURAR

Günorta Koreýanyň «Daewoo Engineering & Construction Co.» kompaniýasy Türkmenistanda umumy bahasy 700 million dollara deň bolan dökün önümçilik desgasynyň gurluşygy boýunça çarçuwaly şertnama baglaşdy. Bu barada Koreýa Respublikasynyň Senagat ministrligi habar berdi.

«Ýonhap» habarlar gullugynyň habar bermegine görä, bu şertnama Seul şäherinde «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen baglaşyldy. Koreýa Respublikasynyň Söwda, senagat we energetika ministrligi bu taslama üçin koreý kompaniýanyň mynasyp dalaşgär hökmünde seçilip alnandygyny bellendi.

Taslama boýunça fosforyň gaýatdan işlenilip, degişli dökün önümçiliginiň öndürilmegi meýilleşdirilýär. Bu taslama 2029-njy ýylda Türkmenistanyň gündogar sebitinde ulanmaga berler.

Gol çekişlik dabarasyndan soňra Günorta Koreýanyň senagat ministri An Duk Gyn bilen Türkmenistanyň




Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Baýmyrat Annamämmedowyň arasynda gepleşikler geçirilip, ikitaraplaýyn gatnaşyklar ara alynp maslahatlaşyldy.

# Türkmenistan bilen Özbegistan himiýa ylmy boýunça hyzmatdaşlyk eder



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Bu resminamanyň maksady iki goňşy ýurduň arasynda ylym we tehnologiýa hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakdan, innowasiýa çözgütlerini goldamakdan we sebitleýin meseleleriň çözgütlerini bilelikde tapmakdan ybaratdyr.

**HYZMATDAŞLYGYŇ ESASY UGURLARY:**

- ☑ Mineral dökünler, adsorbsion tehnologiýalary we himiki katalizator pudagynda barlaglar geçirmek.
- ☑ Döwlet maksatnamasynyň çäginde ylmy barlag taslamalaryny bilelikde işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- ☑ Alymlar, magistr we doktorantlar üçin tejribe we hünär ösüş mümkinçiliklerini döretmek;
- ☑ Laboratoriýa enjamlaryny özara ulanmak we ylmy bilim alyşmak;
- ☑ Makalalar we patentler boýunça awtordaş bolup çykyş etmek.

Bu ähtnamanyň çäginde indiki ädim sebitdäki himiýa ylmyny halkara derejesine çykmagyna mümkinçilik döredýän, daşky gurşaw, senagat we tehnologiki meseleleriň bilelikde çözülmegine ýol açjak iki goňşy ýurduň ylmy mümkinçilikleriniň birleşdirilmegi bolar.

# «Türkmenaragatnaşyk» agentligi 82 million manatdan gowrak maýa goýumlary özleşdirer



Şu ýylyň fewralynda tassyklanan «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, «Türkmenaragatnaşyk» agentligi boýunça şu ýylda garaşylýan maýa goýumlarynyň möçberi 82 million manatdan gowrak bolar. Bu barada «TDH» habar berýär.

Bu babatdaky görkezijiler «Altyn Asyr» hem-de «Aşgabat şäher telefon ulgamy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri boýunça, degişlilikde, 37 we 3 million manada deň bolar. Şeýle-de esasy telefon belgileriniň sanyny 613 müň birlige, öýjükli aragatnaşygyň abonentleriniň sanyny 6 müň 700-den gowrak birlige ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Pudagyň hünärmenleri öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan giň gerimli aragatnaşyk ulgamyny döretmäge, aragatnaşyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga we görnüşlerini artdyrmaga, şol sanda ýurdumyzyň iň çetki künjekleriniň ilaty üçin internete elýeterliligi üpjün etmäge gönükdirilen iri taslamalary durmuşa geçirýärler.

Netijede, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» täzeçil usulda dowam etdirilip, welaýatlary we şäherleri sanlylaşdyrmagyň, olary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm şertine öwrülýär.

## «Arkadag» Çagyryş ligasynyň finalynda Kambojanyň «Şwaý Rieng» kluby bilen duşuşar



Türkmenistanyň «Arkadag» klubynyň AFK-nyň Çagyryş ligasynyň finalynda Kambojanyň «Şwaý Rieng» topary bilen duşuşar.

Ýaryşyň ikinji ýarym final oýnunda Kambojanyň topary Indoneziýanyň «Madura Ýunaýted» kluby bilen deňme-deň oýnady (3:3), emma öz meýdançasynda 3:0 hasaby bilen ýeňendigi sebäpli, «Şwaý Rieng» kluby finalda oýnamaga hukuk gazandy.

Mälim bolşy ýaly, «Arkadag» topary Çagyryş ligasynyň 1/2 final jogap duşuşygynda öz meýdançasynda Kuweýtiň «Al-Arabi» toparyndan 3:0 hasabynda ynamly ýeňiş gazanmagy başardy.

Final duşuşygy 10-njy maýda «Şwaý Rieng» stadionynda geçiriler, ol Aşgabat wagty bilen sagat 17:00-da başlanar.

## Türkiýäniň ilkinji ýerli emeli hemrasy ulanmaga berildi




Türkiýe Respublikasy tarapyndan öndürilen ilkinji emeli aragatnaşyk hemrasy bolan «Türksat 6A» ulanmaga berildi. Bu dabara Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan gatnaşdy.

2024-nji ýylyň 9-njy iýulynda ABŞ-nyň «Kape Karnawal» kosmodromyndan «SpaceX» kompaniýasynyň «Falcon 9» raketasy bilen asman giňişligine çykarylan «Türksat 6A» emeli hemrasynyň synag ýaýlymlary tamamlandy.

Emeli hemranyň doly görnüşde işe başlandygyna bagyşlanan dabara gatnaşan Prezident Ärdogan 80 göterimi we 84 ýerli enjamlaryň ulanylmagy bilen öndürilen emeli hemra bilen Türkiýe Respublikasy öz emeli aragatnaşyk hemrasyny öndürip bilýän 11 ýurduň biri bolandygyny belledi.

«Türksat» emeli hemralarynyň gur'ap alýan meýdany has-da giňeldilip, ol Hindistany, Tailandy, Malaýziýany we Indoneziýany öz içine alýar. Täze emeli hemranyň gulluk möhleti 15 ýyla deňdir.

Türkiýe Respublikasy 31 ýyl mundan ozal, «Türksat1B» emeli hemrasyny kosmos giňişligine çykaryp, bu ugurdaky giň gerimli işlerine badalga beripdi.

## TÜRKMEN SAMBOÇYLARY ÖZBEGISTANDA 17 MEDAL GAZANDYLAR

Türkmen samboçylary Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen Aziýanyň we Okeaniýanyň bilelikdäki çempionatynda medallaryň 17-sine mynasyp boldular. Ululary we ýaşlaryň bilelikdäki çempionatynyň netijeleri boýunça Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyndaky medal gaznamyza altyn medallaryň 2-si, kümüş medallaryň 6-sy we 9 sany bürünç medal goşuldy. Bu barada «Türkmenistan» gazeti habar berýär.





Ýer ýüzüniň 23 döwletinden 600-den gowrak türgeni özünde jemlän ýaryşda çempionatda ýaş samboçylarymyz Alyhan Aýdogdyýew bilen Yslam Hemraýew hormat münberiniň birinji basgançagyna çykdy. Ýaşlaryň arasynda geçirilen birinjilige gatnaşan ezber ýigitleriň ilkinjisine 58, ikinjisine bolsa 71 kilogramа çenli agram derejesinde taý tapylmady. Olar bu üstünlikleri sport sambosy boýunça geçirilen ýaryşda gazandylar.

Ildeşlerimizden söweş sambosy boýunça 58 kilogramа çenli agram derejesinde Muhammetmyrat Babekow, 98 kilogramа çenli agramda Bezirgen Bäşimow, ýaşlaryň arasynda sport sambosy boýunça 58 kilogramа çenli derejede Babamyrat Baýramow, ýene şol görnüşde ýaş gyzlaryň arasynda 50 kilogramа çenli agram derejesinde Ykbal Saparowa, ýaşlaryň arasynda söweş sambosy boýunça 64 kilogramа çenli derejede Seýdulla Akmämmedow we 88 kilogramа çenli derejede Mälikberdi Begiýew dagy kümüş medalyň eýesi boldy.

Ýygyndy toparymyzda hormat münberiniň üçünji basgançagyna çykan türgenleriň sanawy has uzyn. Olaryň arasynda ezber türgen Merjen Joraýewanyň adynyň iki gezek geçýändigini aýratyn nygtamak gerek. Ol sport sambosy boýunça 59 kilogramа çenli agram derejesinde ulularyň arasynda hem, ýaşlaryň arasynda hem bürünç medalyň eýesi boldy. Galan 10 medaly bolsa söweş sambosy boýunça Sapar Döwletow (64 kilogramа çenli agram derejesi), Ýusup Taňryberdiýew (58 kilogramа çenli), Mergen Durdyýew (64 kilogramа çenli), Zyba Orunowa (59 kilogramа çenli), Maýsa Gupbykowa (65 kilogramа çenli), söweş sambosy boýunça Aziza Nazarowa (50 kilogramа çenli) we Züleýha Hudaýberdiýewa (54 kilogramа çenli) dagy eýeledi.

## TÜRKMEN TÜRGENLERI KIKBOKSING BOÝUNÇA DÜNÝÄ KUBOGYNDA 14 MEDAL GAZANDY

Türkmenistanyň kikboksing boýunça milli ýygyndysy Bangkokda geçirilen «Taýlandyň 1-nji Dünýä kubogy – 2025» (1st Thailand Kickboxing World Cup 2025) ýaryşynda 14 medal gazandy. Bu barada ýurdumyzyň Kikboksing Federasiýasynda habar berildi.

7-12-nji aprel aralygynda WAKO halkara kikboksing Federasiýasynyň howandarlygynda geçirilen bu ýaryş dünýäniň 40-a golaý döwletinden 800 töweregi türgeni bir ýere jemledi. Kikboksçylar «Full Contact», «Low Kick», «K-1», «Kick Light», «Light Contact» hem-de «Point Fighting» boýunça güýç synanyşdylar.





Ýurdumyzyň adyndan Türkmenistanyň Kikboksing boýunça milli ýygyndy toparynyň baş tälimçisi Orazmuhammet Kömekowyň ýolbaşçylygynda jemi 13 türgenimiz çykyş etdi.

Netijede, kikboksçylarymyz bu ýaryşda 7 altyn, 4 kümüş we 3 bürünç medal gazanmagy başardylar. Toparlaýyn esasda 8-nji orny eýelediler.

**ALTYN MEDALLAR:**

**Nurmuhammet Joraýew** *(57 kg agramda, Kick-light)*

**Kirill Woýewodin** *(57 kg agramda, Low-kick)*

**Hangeldi Atabaýew** *(51 kg agramda, Low-kick)*

**Akmyrat Akmyradow** *(67 kg agramda, Low-kick)*

**Guwanç Mahmudow** *(54 kg agramda, K-1)*

**Guwanç Babaýew** *(51 kg agramda, K-1)*

**Muhammedaly Orazmuhammedow** *(37 kg agramda, Creative form)*

**KÜMÜŞ MEDALLAR:**

**Orazmuhammet Kömekow** *(91 kg agramda, K-1)*

**Raşit Geldimämmedow** *(63,5 kg agramda, K-1)*

**Ýhlas Babaýew** *(60 kg agramda, Low-kick)*

**Muhammedaly Orazmuhammedow** *(37 kg agramda, Musical form)*

**BÜRÜNÇ MEDALLAR:**

**Agamyrat Amangeldiýew** *(60 kg agramda, Full contact)*

**Geldimyrat Hojalyýew** *(81 kg agramda, Low-kick)*

**Muhammedaly Orazmuhammedow** *(37 kg agramda, Point fighting)*

Kikboksing ýurdumyzda sportuň iň meşhur görnüşleriniň biri bolup durýar. Häzirki wagtda 5000-den gowrak türgen bu sport bilen meşgullanýar. Türkmen kikboksçylarynyň halkara derejesinde gazanýan üstünlikleri ýyl-ýyldan artýar.

## TÜRKMEN TÜRGENLERI AŞGABATDAKY HALKARA ÝARYŞDA 28 MEDAL GAZANDY





Başlangyjy 1-nji sahypada.

Bu ýaryş 2024-nji ýylyň maýynda GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegine bagyşlanan çäreleriň maksatnamasynyň çäklerinde geçirildi.

Halkara ýaryşyň birinji gününde ýurdumyzyň ýygyndy topary türkmen milli göreşi boýunça jemi 14 medal gazandy. Ikinji günde guşakly alyş göreşi boýunça geçirilen ýaryşda galan 10 medal toplumy ugrunda bäsleşildi.

Paýtagtymyzda geçirilen halkara ýaryşda erkekleriň arasynda alty, zenanlaryň arasynda dört agram derejesinde guşakly alyş göreşi boýunça ýeňijiler kesgitlenildi. Bu ýaryşda hem türkmen türgenleri 4 altyn, 5 kümüş we 5 bürünç – jemi 14 medal gazanyp, toparlaýyn hasapda ýeňiji boldular.

Toparlaýyn hasapda Özbegistanyň türgenleri 4 altyn we 5 kümüş medal bilen ikinji; Gyrgyzystanyň pälwanlary bolsa 2 altyn, 2 kümüş we 3 bürünç medal bilen üçünji orny eýelediler. Şeýle hem baýrakly orunlara mynasyp bolanlaryň hatarynda Azerbaýjanyň, Mongoliýanyň, Russiýanyň, Täjigistanyň, Hindistanyň, Belarusuň wekilleri bar.

Bäsleşigiň jemleýji tapgyry tamamlanandan soňra, ýeňijileri sylaglamak dabarasy boldy. Onuň dowamynda ýaryşda ýeňiş gazanan we baýrakly orunlary eýelän türgenlere medallar, şahadatnamalar, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly kitaby gowşuryldy.



Şeýlelikde, ildeşlerimiz halkara ýaryşyň maksatnamasynyň iki görnüşiniň jemleri boýunça 12 altyn, 10 kümüş we 6 bürünç – jemi 28 medal gazandylar. Türgenlerimiziň bu gazanan üstünligi ýurdumyzda sporty ösdürmäge berilýän ägirt uly ünsüň aýdyň netijesidir.

## TÜRKMENISTAN DÖWLETIMIZ KALIFORNIÝA UNIWERSITETINDE TANYŞDYRYLDY





Başlangyjy 1-nji sahypada.

2025-nji ýylyň 16-njy aprelinde geçirilen Halkara medeniýet gününe Dawis Hukuk mekdebinde bilim alýan halkara talyplar öz milli tagamlary we ýurduny tanyşdyrýan stendleri bilen gatnaşdy.

Ýadyňyzda bolsa, geçen ýylyň aprel aýynyň 19-ynda geçirilen «ALSA» prezident saýlawlarynda türkmenistanly hukuk ylymlarynyň doktory Döwran Orazgylyjow bir döwür üçin bu guramanyň prezidenti wezipesine saýlanypdy.

ALSA-nyň täze adminstrasiýasy tarapyndan geçirilrlen bu ýylky çärede türkmen pişmesi myhmanlara hödürlendi. Şeýle hem milli gymmatlyklarymyzy tanyşdyrýan stendimiz köp sanly myhmanlarda uly gyzyklanma döretdi.

Türkmenistanyň stendimizde, şeýle hem Magtymguly atamyzyň kitaby hem öz mynasyp ornuny tapdy. Çärede Türkmenistan bilen bir hatarda, Özbegistan, Türkiýe, Saud Arabystany, Hytaý, Braziliýa we başga-da birnäçe ýurtlaryň stendleri ýerleşdirildi.



MAKUL HYZMAT
Translation Office | Terjime Merkezi
Salgysy: Ankara köçesi (Aýtakow-Ýubileýni), A Blok, 4-nji gat
Aşgabat, Türkmenistan.
E-poçta :makulhyzmat@gmail.com
Tel: + 993 63 78 96 73 / + 993 12 96 48 55

Iňlis, rus, türk we beýleki dillerde dürli resminamalaryň terjimesi üçin "Makul hyzmat" terjime merkezine ýüz tutuň!

